# Parawbibiniñ keşbini döreden zenan

Category: Kitapcy,Şekillendiriş we heýkeltaraşlyk sungaty
написано kitapcy | 22 января, 2025
Parawbibiniñ keşbini döreden zenan PARAWBIBINIÑ KEŞBINI DÖREDEN ZENAN

Daşyndan göräýmäge ýönekeýje jaýda ýaşaýan bu maşgalanyñ gapysyndan girip, onuñ içinde ýerleşdirilen çeper suratlary synlanyñda başyñy ýaýkanyñy duýman galýarsyñ. Sebäbi bu öýde bir maşgaladan üç suratkeşiñ eserleri ýerleşdirilipdir. Olaryñ käbiri maşgalabaşy Ilgeldiniñ (ol 1991-nji ýyldan bäri Türkmenistanyñ Suratkeşler birleşiginiñ agzasy) öz eserleri bolsa, ikinji bölegi onuñ ýanýoldaşy Jemilä degişli, üçünjisi hem uly gyzy Leýliniñ eserleri bolmaly. Ýöne olar bir-birlerini gaýtalamaýan, temalary boýunça-da dürli-dürli eserler.
Şol suratlary synlap durşumyza, aýratynam biziñ nazarymyz bir eserde, ýagny, ady rowaýatlara öwrülen Parawbibiniñ keşbinde eglendi. Ol suratda egnine gyrmyzy köýnek geýip, öz yzyna düşüp gelýän ýagylardan aman galmak üçin daglara-daşlara tarap okdurylyp barýar. Olar hem bu gaýduwsyz gyza öz goýnundan ýer berýärler. Eýsem, onuñ keşbini janlandyran Jemile Taganowa ençeme asyr mundan öñ bolup geçen wakany beýan etmeklige itergi beren güýç nämekä?!
Bu barada onuñ özi Parawbibä zyýarat edip, Aşyk Aýdyñ piriñ huzuryna barýarka, bu ajaýyp pikiriñ onuñ gursagyna beýik Tañry tarapyndan guýlandygyny aýtdy. Şonda ol gadymy çeşmelerde beýan edilişi ýaly, düýşünde dana we tebip gyz Reýhanany (Parawbibini şol wagtlar şeýle atlandyrypdyrlar) ak eşikde, ençeme adamlara em edip duran pursatynda görýär. Ol hassa heniz ýanynda gelip oturmanka, ýüz-gözünden onuñ derdini bilýän eken. Onuñ şan-şöhraty gün-günden uzaklara ýaýraýar. Ahyry bu habar meşhur Lukman Hekime hem ýetýär. Ol ençeme ýol söküp Paraw obajygyna ýetýär we keşbini üýtgedip, hassa

görnüşinde onuñ ýanyna golaýlaýar. Şonda ak bulutlaryñ arasynda misli ýyldyrym çakan ýaly bir üýtgeşik şöhle peýda bolup, onuñ bir ujy şol "täsin myhmanyñ" ýoluny ýagtylandyryp gidýär. Ine, şundan soñ Parawbibi bu adamynyñ ýöne däldigine göz ýetirýär we oña: "Eý, halypam, ömrümde bir arzuwym siz bilen didarlaşmakdy. Asyl bu gün öz aýagyñyz bilen geläýdiñiz" diýip, ony mähirli garşylaýar we oña duz-çörek hödürleýär. Şondan soñ Lukman Hekim öz şägirdiniñ ýetjek menziline ýagşy ýetendigine göz ýetirip, oña öz barmagyndaky göwher gaşly ýüzügini dakyp, ak pata berýär.

Hawa, bu wakadan bäri ençeme asyr geçipdir. Emma tebip we edermen gyz Parawbibi baradaky ajaýyp ýatlama halkyñ ýüreginde galypdyr. Indi Serdar şäherinden uzakda bolmadyk, dag içinde ýerleşýän bu mukaddes ýer gelin-gyzlaryñ zyýarat mesenine öwrülipdir. Şeýle bolansoñ, Balkan ilinde bu gaýduwsyz gyzyñ 1000 ýyllyk şanly toýy geçirilipdi. Ine, ezber suratkeş Jemile Taganowa hem onuñ portretini şol dabarada gowşurdy. Şeýle hem, onuñ aladasy bilen birnäçe hususy kärhanalar bilen gürleşilip, Parawbibä barýan dag ýodajyklarynyñ gyrasyna dürli baglar ekildi.

Şeýle ajaýyp pikirleri gursagynda göterip, hemişe sogap işler hakda pikir edip ýören bu zenana diñe "Berekella!" – diýmekden başga zat galmaýar. Ýöne, döredijiligi hakda aýtmaly bolsa, onuñ döreden eseri diñe "Parawbibiniñ portreti" däldir. Ol türkmeniñ göz guwançlary hasaplanýan "Oguz hanyñ", "Baýram hanyñ", "Magtymguly Pyragynyñ" we beýlekileriñ haly-portretlerini çekip, ýörite baýraklara mynasyp bolan zenandyr. Balkanly halyçy gelin-gyzlaryñ bu suratkeş gelne öz ýakyn hossarlary ýaly garamaklary-da şonuñ üçin bolsa gerek. Onuñ bulardan başga-da nebitçileriñ durmuşyndan, önümçiligiñ beýleki pudaklaryndan, ýadygärliklere degişli çeken işlerini iñ oñat eserleriñ hatarynda görkezmek bolar.

Bu suratkeşler maşgalasynda Çeperçilik akademiýasynyñ uçurymlary bolan gyzlary Leýli we Maýa ene-ata kesbini mynasyp dowam etdirjek perzentlerdir.

Sözümizi jemläp aýtsak, Garaşsyz we Baky Bitarap ýurdumyzda erkin ýaşap, erkin döredýän bu suratkeşler maşgalasyna mundan

beýlägem işleriniñ rowaç almagyny arzuw edýäris.

Şyhmyrat BATYÝEW,
žurnalist.

#watan Şekillendiriş we heýkeltaraşlyk sungaty